TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

Arkadagly Serdarymyzyň: «Gündogaryň beýik akyldary we danasy Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan goşgulary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy. Dana Pyragynyň ynsanperwerligi, halallygy, agzybirligi ündeýän eserleri ähli adamzat üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Häzirki döwürde Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk şanly senesini giňden bellemäge döwletimiz tarapyndan uly taýýarlyk görülýär. Bu toý türkmen halkynyň akyldar şahyryna goýýan belent hormat-sarpasynyň, dünýä ýüzündäki abraý-mertebesiniň näderejede belentdiginiň aýdyň subutnamasyna öwrüler» diýip bellemegi ýurdumyzda Magtymguly Pyragynyň sarpasynyň belentden tutulýandygyny görkezýär.

## EDEBIÝAT


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmany. //Magtymguly. Eserler ýygyndysy. I tom. A.: TDNG, 2013.
2. Magtymguly. Goşgular. – A.: TDNG, 2010.
3. Magtymguly. Goşgular. – A.: TDNG, 2014.



**Aýnabat Nazarowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*


# GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ ESERLERINDE MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ NUSGALYK DÖREDIJILIGINIŇ ÖZ BEÝANYNY TAPYŞY

Ençeme asyrlar geçse-de, Magtymguly Pyragynyň mirasy gadyr-gymmatyny barha artdyryp, türkmen halkynyň ýüreginde baky orun tutýar. Bu barada Milli Liderimiz: «Döredijiligiň belentligi akyldarlyk bilen häsiýetlendirilýär. Magtymguly diňe şahyr däl, akyldar, bu häsiýetnama Gündogaryň ussatlarynyň aglabasyna mahsusdyr» diýip belleýär [1, 34 s.].

Magtymguly Pyragy häzirki wagtda umumadamzat ähmiýetli şahyr hasaplanýar. Şahyryň döredijilik mirasy ýaş nesiller üçin edep-terbiýäniň, ynsanperwerligiň mekdebi bolup durýar. Onuň döredijilik dünýäsinde halkymyzyň milli özboluşlylygy, ruhy dünýäsi şöhlelenýär. Onuň paýhasa ýugrulan şygyrlarynda ynsan durmuşy hemmetaraplaýyn, giň we çeper beýan edilýär. Beýik akyldar şahyrymyz şygyrlarynda ähli adamzat neslini ýagşylyga, ynsanperwerlige çagyrýar. Magtymguly atamyzyň şygryýetiniň içinden eriş-argaç bolup geçýän ynsanperwerlige ýugrulan pikir-garaýyşlar, pelsepewi taglymatlar milli özboluşlylygymyzyň

aýdyň beýany bolmak bilen bir hatarda, umumadamzat ähmiýetine hem eýedir. Magtymguly Pyragy türkmen edebiýatynda, türkmen halkynyň taryhynda öçmejek yz galdyran äleme belli beýik şahsyýetdir. Gahryman Arkadagymyzyň: «Ruhy baýlyk ebedi ýaşaýar. Magtymguly akyldaryň mirasy hem şeýle baýlykdyr. Halkymyzyň hakydasynda ýaşaýan, zandyna ornan mirasydyr» [2, 32 s.] diýen pähim-paýhasa ýugrulan dürdäne setirleri muňa aýdyňlygy bilen şaýatlyk edýär. Wagtyň geçmegi bilen adamlar bu pähimden «ölüm» sözüni aýryp taşlapdyrlar. Elbetde, bu pähimde «ölüm» sözüni agzamanyňda-da nämäniň nämedigi düşnükli diýip pikir edendirler-dä. Hawa-da, türkmen nähili çykgynsyz ýagdaý bolanda-da «ölüm» sözüni agzamazlyga çalyşýar. Magtymguly atamyz bu pähimi has ýönekeýleşdiripdir: «Goç ýigide toýdur baýram, her iş gelse il biläni». «Her iş» sözüniň nämeleri aňladýandygyny aňýansyňyz. Türkmen ýene sähel wagtdan amanadyny tabşyrjak bolup ýatandyr welin, ýagdaýyny sorasaň, «Ýagdaýym erbet» diýmez. «Hudaýa şükür, ýagdaýym gowy» diýer. «Gowy» diýibem «jan berýändir» [3, 34 s.] diýip, az sözde köp many berýän ýokarky setirlere ýüzlenmek arkaly Magtymguly atamyzyň döredijiliginiň türkmen halkynyň aňyna ebedi ornan soňlanmaz mirasdygyny açyp görkezýär.

Ýurdumyzyň daşary syýasy ugrunyň baş ideologiýasy parahatçylyk arkaly ösüşe ymtylmakdadyr. Munda Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz: «Beýik Magtymguly Pyragynyň mähriban halkymyza, eziz Watanymyza bolan çuňňur söýgi bilen, ýurduň ajaýyp we beýik geljegine bolan ynam bilen aýdan «sözlär bolsaň, ýagşy sözle, halk ýamanyň bizarydyr» diýen sözleri durmuş-syýasy hadysa hökmünde çykyş edýän Bitaraplygyň ideýa-çeperçilik özeni bolup hyzmat edip biler» diýip, dana Pyragynyň ynsanyýet ähline nusga bolup galan setirine ýüzlenýär. Şol ýekeje setiriň üsti bilen biziň Bitaraplyk ýörelgämiziň özenini açyp görkezmegi başarýar. Döwür ösýär, özgerýär. Emma nusgawy akyldarymyzyň bize galdyran mirasynyň üstünden asyrlar aşyp, gymmaty artýar. Muny Gahryman Arkadagymyz: «Halkymyzyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň:

*Eşit adam, dogan ilden*
*Gaýry mähriban ýurt bolmaz* [3, 11 s.].

– diýen setirleri Watanyň her bir adam üçin dünýädäki ähli zatdan eziz hasap edilýändigini aňladýan mukam bolup ýüregimize ornady» [4, 54 s.] diýip, öz eserlerinde inçelik bilen beýan etmek bilen biz ýaşlary watansöýüjilige çagyrýar.

Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň watançylyk, ynsanperwerlik taglymaty halkymyzyň hakydasynda örän çuň orny eýeleýär. Halkymyzda «Türkmeni Magtymgulysyz göz öňüne getirip bolmaz» diýen düşünje örän ýörgünlidir. Häzirki wagtda ýurdumyzda ýaşlary ata-babalarymyzyň ýörelgelerine ygrarly edip terbiýelemekde, olaryň ahlak kämilligini we watansöýüjilik häsiýetlerini ösdür-

mekde Magtymguly Pyragynyň eserleri örän ähmiýetli orun eýeleýär. «Türkmen akyldary Magtymguly Pyragy özüniň göwher ýaly gymmatly pikirlerini, esasan, «adamzat» diýen belentligiň derejesinde goýýar. Şahyr adamzadyň köňül rahatlygy üçin ýazýar. Parasada ýugrulan taglymatlaryny külli adamzada gönükdirýär. Çünki ynsanperwerligiň beýik nusgasy – adamzat ähliniň tebigatyna laýyk bolan asylly ýörelgelerde jemlenendir»[3, 34 s.] diýip, Gahryman Arkadagymyz jaýdar belläp geçýär. Şoňa görä-de, şahyryň il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli şygryýet äleminiň gadyr-gymmaty Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp kitaplarynda özüniň aýdyň beýanyny tapýar.

Beýik Pyragynyň döredijiliginde Watan gözelliklerini, ene topragy, behişdi mekanymyzy wasp edýän goşgular aýratyn orny eýeleýär. Şahyryň döwet galamyndan çykan «Türkmeniň», «Bady-sabany görsem», «Soňudagy», «Bar meniň», «Ýeli Gürgeniň», «Gidiji bolma», «Gözlär men», «Öňi-ardy bilinmez» ýaly goşgularynda il-ýurduňy söýmek, ony goramak oňa hyzmat etmek pikiri eriş-argaç bolup geçýär. Bu goşgular Watana bolan söýgüniň beýany bolup ýaňlanýar:

*Reňbe-reň gül açar ýaşyl ýaýlasy,*
*Gark bolmuş reýhana çöli türkmeniň* [2, 12 s.].

– diýip ýazypdyr. Magtymguly Pyragy her bir adamyň öz Watanynyň ogly bolmagyny, şol belent söýgüsini-de adamzada ýaýmagy hakda şeýle ündew edýär:

*Gel, köňlüm, men saňa nesihat kylaý,*
*Watany terk edip gidiji bolma* [2, 43 s.].

Beýik akyldar şeýle sözleri diýmek bilen, ynsan ömrüniň bakylygynyň Watanyndadygyny aýdýar. Akyldar şu ýerde öz köňlüne ýüzlenmek bilen, Watany köňülde ýaşatmalydygyny, ony jiger-janyňa deňäp goramalydygyny nygtaýar. Beýik Watançy Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur watançylyk duýgusyny türkmen halkynyň köňlüne çaýyp, ony müdimi miras eýläp goýup gitdi. Şahyryň bize miras galdyran ajaýyp goşgularyny, türkmen halkynyň Milli Lideri – Gahryman Arkadagymyzyň eserlerini okadýan islendik sapagymyzda nesil terbiýesi üçin peýdalanýarys. Şahyryň öwüt-ündew pikirli goşgularynyň sany az däl. Mysal üçin «Ile ýaraşmaz» goşgusyndan:

*Edebiň ýagşysy ulyny syla,*
*Ulyny aglatmak kiçä ýaraşmaz.*

*Ýagşylardan bir nesihat alawer,*
*Gitdi kerwen, ýeke galdyň ýelewer,*
*Adam ogly, zynhar, häzir bolawer,*
*Nebsi-şeýtan şoňa sürnüp durupdyr* [2, 54 s.].

Magtymguly atamyz nakyldyr atalar sözleriniň terbiýeçilik ähmiýetli bolanlaryny saýlap-seçip almagy, olary özüniň öwüt-ündew ediji goşgularynda

ussatlarça ulanmagy başaran şahyrdyr. Onuň ýazan goşgy setirleri hem dillerde atalar sözüne öwrülip gidendir. Şahyryň nakyla öwrülen setirlerine ser salalyň: «Namart aýyp gözlär dogan ilinden», «Saglygyň gadyryny bilgin hasta bolmazdan burun», «Magtymguly, at tutulsa, Ozal dessan ýazan geler», «Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär, Gylygyň bet bolsa, işiň jeň bolar», «Eşiden deň bolmaz gören göz bilen», «Sabyrly gul dura-bara şat bolar», «Goç ýigide toýdur-baýram, her iş gelse il biläni» – ýaly nakyllar dana şahyryň ölmez-ýitmez terbiýeçilik ähmiýetli şygyrlarynyň esasyny düzýär. Şonuň üçin, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, zybanyndan dür saçan, öňdengörüji Pyragynyň şahyrana dünýäsi müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen türkmen pelsepesine, milletiň kalbynyň owazyna, türkmen ruhunyň synmajak sütünine öwrüldi.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – A.: TDNG,
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet guşy. – A.: TDNG, 2013.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.: TDNG, 2022.



**Selbi Nazarowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*


# MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARYNDA TARYHY ŞAHSYÝETLERIŇ ÇEPER KEŞBI

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda asyrlaryň gatlaryna siňip ýatan edebi mirasymyzy düýpli öwrenmekde, özleşdirmekde, täzeden janlandyrmakda, olary gaýtadan halkymyza ýetirmekde we dünýä tanatmakda düýpli işler amala aşyrylýar. Türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň döredijiligini täzeden ylmy esasda öwrenmek we halka ýetirmekde ençeme işler amala aşyrylýar. Şahyryň goşgularynyň dürli dillere terjime edilmegi bilen, akyldaryň dünýä, durmuş baradaky pelsepewi pikirleri dünýä ýaýylýar.

Halkyň taryhyny, ýaşaýyş-durmuşyny, medeniýetini öwrenmekde halk döredijilik eserleri, hususan hem, nusgawy edebiýatymyzyň ähmiýeti örän uludyr. Çünki çeper edebiýat döwrüň aýnasy diýlişi ýaly her bir halkyň edebiýatynda şol halkyň durmuşy çeper suratlandyrylýar. Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň